# Özdemir Asafdan

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özdemir Asafdan ÖZDEMIR ASAFDAN

Bir wagtlar kemçilikleriňem şeýle bir gözeldi… emma indi bolsa gözellikleriňem kemçilikli.

Dolanyp gelmejek bir gidene, bolmajak netijä garaşyp gördüňizmi?

Ynsan ulalansoňmy artýar dertleri, ýa-da ulalansoň bilýämi hakykatlary?

«Bolmajagny bilibem, näme üçin synanyşýaň?!» diýdi… Öljegini bilibem ýaşaýandygyny unutdy …

Söýgi… Seretdigiňçe dözmezlikmi, ýa-da seretdigiňçe doýmazlykmy?

Sen… bagyşlarsyňyz «siz» diýmelidim. Siz näçe ýüzlüdiňiz? Men ýalňyşlyk bilen haýsy ýüzüňize aşyk boldum?

Sesiňi çykarma ýüregim… menem bilýän «küýseýänimi»! Dym… ol bir bilmesin küýselýänini.

Ähli kişi artykmaçlyklary bilen söýýärdi. Men bolsa kemçilikleriň bilen söýüpdim, emma söýülmedim!

Ynsan puluny ýitirende garyp, erkinligini ýitirende ýesir, söýgisini ýitirende bolsa şahyr bolar eken.

Ýekeje kişilikmidi bu şäher? Sen gideniňden soň boşap galdy…

Men seni söýmekde hiç hili bergili bolmadym.

Meniň bilen ömür geçermi? – diýip soradym.
Seniň bilen geçirmäge ömrüm ýetermi?! – diýdi. Şul sözi meni ömür boýy bagtly etdi!

Terjime eden Maral Ataýewa. Sözler